Ylymlar güni mynasybetli geçirilýän **"Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar"** atly halkara ylmy maslahata gatnaşmagyň

## ŞERTLERI

1. Maslahata gatnaşmak üçin nutugyň gysgaça beýany we annotasiýalary taýýarlanylmaly.

2. Maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänleriň her biri maslahata diňe bir nutuk hödürläp biler we awtorlar ikiden köp bolmaly däldir. Işiň mazmuny özbaşdak ylmy-barlag häsiýetli we ady bilen kybapdaş bolmaly hem-de ozal çap edilen bolmaly däl.

3. Nutugyň gysgaça beýany ylmy maslahatyň iş dilleriniň birinde, annotasiýalar bolsa beýleki iki dilde bolmaly.

3.1. Maslahata daşary ýurtly gatnaşyjylaryň nutuklarynyň annotasiýalarynyň türkmen we rus/iňlis dillerine terjimesi Guramaçylyk topary tarapyndan ýerine ýetiriler.

3.2. Maslahata ýerli gatnaşyjylaryň nutuklarynyň annotasiýalarynyň iňlis we rus dillerine terjimeleri ýokary okuw mekdepleriniň degişli kafedralarynda ýa-da terjime edaralarynda tassykladylmaly.

4. Maslahata ýerli gatnaşyjylaryň ylmy işiniň gysgaça beýany we annotasiýalar awtoryň işleýän edarasynda seredilmeli we edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen hat üsti bilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasyna iberilmeli. Hata nutugyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalaryň elektron görnüşleri goşulmaly.

5. Gysgaça beýanlaryň teksti Guramaçylyk topary tarapyndan redaktirlenilmeýär, ylmy işleriň mazmunyna awtorlar şahsy jogapkärçilik çekýärler.

6. Daşary ýurtly gatnaşyjylar maslahatda etjek çykyşlarynyň tekstini taýýarlamaly we 2025-nji ýylyň 10-njy maýyndan gijikdirmän elektron poçta arkaly Guramaçylyk toparyna ibermeli (5-10 minutlyk doklad, 5-6 sah.).

7. Maslahata gatnaşmak üçin **hasaba alnyş görnüşi** doldurylmaly (adaty şrift, Times New Roman, 12 pt):

| | | |
|---|---|---|
| 1. | Familiýasy | |
| 2. | Ady | |
| 3. | Atasynyň ady | |
| 4. | Wezipesi | |
| 5. | Alymlyk derejesi, ady | |
| 6. | Işleýän ýeriniň doly ady | |
| 7. | Işleýän ýeriniň salgysy (poçta indeksini hem görkezmeli) | |

| | | |
|---|---|---|
| 8. | Iş telefony, elektron poçta salgysy | |
| 9. | Nutugyň ady (baş harplar bilen ýazmaly däl) | |
| 10. | Nutugyň tematiki ugry | |
| 11. | Nutuk haýsy dilde taýýarlandy | |

*Awtorlar bilen çalt habarlaşylyp bilinmegi üçin, hasaba alnyş görnüşinde edaranyň elektron poçtasyny däl-de, hususy elektron poçta salgysyny görkezmeli.*

8. Daşary ýurtly gatnaşyjylar hasaba alnyş görnüşini, ylmy işiň gysgaça beýanyny, annotasiýasyny we dokladyny elektron görnüşde aşakdaky elektron salgylaryna ýollamaly:

conference.tkm.june2025@gmail.com,
conference.tkm.june2025@sanly.tm